# Ynha, ideal ömür!

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ynha, ideal ömür! YNHA, IDEAL ÖMÜR!




Beýik alym Albert Eýnşteýn 1922-nji ýylda ylmy-barlag işlerini geçirmek üçjn Ýaponiýa gidipdir.
Şol ýerde wagty 1921-nji ýylyň jemleri boýunça fiziki ugrundan Nobel baýragyna mynasyp bolandygyny eşidipdir.
Ol bu habar eşiden güni bolýan «Imperial Hotel» myhmanhanasynda işläp ýören işçä pul eçilesi gelipdir. Emma Ýaponiýada biriniň beren puluny almagy kiçilik bilipdirler.
Hatda birine pul hödürleseň, ony kemsitmek hasaplanyp, gaty görlüpdir.
Alym işçä «Baýrak alanyma begenip, şatlygymy siziň bilen paýlaşmak isledim, emma pulam alaňok, iň bolmanda rugsat ber, sizde bir ýadygärlik goýaýyn» diýipdir.
Eýnşteýn bolýan otagyndaky stoluň başyna geçip, bir ýazgy galdyrýar we aşagyna goluny çekip, «Haýyşym, muny hökman sakla» diýipdir.
Ýapon işçisi bu ýazgyny ömrüniň ahyryna çenli saklapdyr.

Ol aradan çykansoñ, onuñ ýegenidigi aýdylýan biri 2017-nji ýylda Ierusalimiñ «Winners» muzeý-öýünde ýazgyny auksiona çykardy.
Ýüzüne Eýnşteýniñ goly çekilen kompas 1 million 560 müñ dollara satyldy.
Eýnşteýn şu ýazgyny ýazypdy:
*«Salyhatly ömür üstünligiñ ugrunda ylgamagyñ sebäp bolýan ynjalyksyz durmuşyndan has köp bagtlylyk berýär!..»*
* * *

Şu jümläni doly manysynda düşünmegiñ gymmaty kompasyñ satyn alynan bahasyndan has artykdyr!..
Bagtyñ yzynda ylgap bagtly bolup bolmaýar. Bagt gözlenmeýär, özi gelen pursatynda başyñdan geçirýäñ. Kämahal bagtyñ ýatlamasy-da bagt duýgusyny berip bilenok!..
Belki-de, añrybaş gowy diwan satyn alyp bilersiñiz, emma ýassyga kelläni goýup-goýmanka gidilýän şirin ukyny satyn alyp bilmersiñiz!..
Belki-de, iñ gymmat willalaryñ birine, hatda köşgi-eýwana eýe bolup bilersiñiz, emma bagtly ojagy pul bilen gurup bilmersiñiz!..
Mark Tweniñ aýdyşy ýaly:
*«Gowy dostlar, gowy kitaplar, kelläñizi ýassyga goýanda sizi ukladyp bilýän içerki huzurdan doly ömür we hiç egsilmeýän wyždan… Ine, ideal diýilýän…»*

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 19.08.2022 ý. Publisistika